MAKTABGACHA VA MAKTAB TA'LIMI VAZIRLIGI

PEDAGOGIK MAHORAT VA XALQARO BAHOLASH ILMIY-AMALIY MARKAZI

Respublika Ta'lim Markazi

2025-2026-NJI OKUW ÝYLYNDA
UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN

# 11-nji synp

OKUWÇYLARY ÜÇIN

# ÖZBEGISTANYŇ TARYHY

PREDMETINDEN JEMLEÝJI
ATTESTATSIÝASYNY
GEÇIRMEK BOÝUNÇA
METODIK TEKLIPLER WE MATERIALLAR

SAÝLOW PREDMETLERI

**2025–2026-NJY OKUW ÝYLYNDA UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERIŇ 11-NJI SYNP OKUWÇYLARY ÜÇIN TARYH PREDMETINDEN JEMLEÝJI DÖWLET ATTESTASIÝA TEST SYNAGYNYŇ SPESIFIKASIÝASY**

Bu spesifikasiýa umumy orta bilim berýän mekdepleriň 11-nji synp okuwçylaryny Özbegistanyň taryhy dersinden bilimlerini, endiklerini we kompetensiýalaryny bahalamak üçin peýdalanylýan test ýumuşlarynyň mazmuny, gurşawy, görnüşi, şekli, bahalamak ölçeglerine we geçirmek tertibine goýlan talaplary beýan edýär.

## I. Umumy ýörelgeler

Bahalamagyň maksady – 11-nji synp okuwçylarynyň Özbegistanyň taryhy dersinden bilimlerini, endiklerini we kompetensiýalaryny häzirki maksatnamalarda bellenilen okuw maksatlaryna esaslanyp, kompleksleýin baha bermek. Bu baha bermegiň netijelerine esaslanyp, 11-nji synplar üçin jemleýji döwlet attestasiýasynda kabul edilen kararlaryň esasly bolmagyny üpjün etmek üçin bahalamakda hakykylyk, ygtybarlylyk, adalatlylyk we açyklyk ýörelgelerine eýerilýär.

## II . Kadalaşdyryjy esaslar

1. Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministriniň 2008-nji ýylyň 4-nji martyndaky “Umumy orta tälim okuwçylarynyň jemleýji döwlet attestasiýasy hakyndaky tertipnamasyny tassyklamak hakyndaky” 56-njy buýrugy bilen tassyklanan “Umumy orta tälim okuwçylarynyň jemleýji döwlet attestasiýasy hakyndaky tertipnamasy”

2. Özbegistanyň taryhy boýunça 6-11-nji synplar üçin häzirki okuw maksatnamasy

3. Özbegistan Respublikasynyň Mekdebe çenli we mekdep bilimi ministriniň 2026-njy ýylyň 16-njy martyndaky «2025–2026-njy okuw ýylynda umumy orta bilim berýän edaralarda okuwçylaryň jemleýji döwlet attestasiýasyny guramak we geçirmek hakynda» 102-nji buýrugy.

## III. Bahalamagyň gurşawy we bölünip berlen wagt

Okuwçylar üçin Özbegistanyň taryhy dersini bilmegiň derejesini anyklamak boýunça jemleýji döwlet attestasiýa synagynda jemi 20 test berilýär. Jemleýji döwlet attestasiýa synaglary üçin **180 minut** wagt berlen.

Test ýumuşlarynyň mazmun ugry, bahalandyrylýan bilimler we endikler we kompetensiýalar boýunça paýlanyşy aşakdaky tablisalarda görkezilen:

| Mazmun ugry | Konstruktlar | Testleriň sany |
|---|---|---|
| | | 20 |
| **Gadymy dünýä taryhy** | – gadymy döwür, gadymy adamlar, olaryň dini ynançlar, oýlap tapyşlary we gadymda ýaşan ýerleriniň klassifikasiýasyny tapmak;<br><br>– Merkezi Aziýada täze diniň peýda bolmagy, gadymy halklar we olaryň döreden döwletleri baradaky maglumatlaryň meňzeş we tapawutly taraplaryny tapmak;<br><br>– ýurdumyzda ilki ahemeniler, soňra Makedoniýa döwletiniň hökümdarlygynyň ornaşdyrylmagy we onuň täsirinde bolan wakalary tapawutlandyryp bilmek;<br><br>– Miladydan öňki IV asyrdan milady III asyryna çenli bolan Merkezi Aziýa döwletlerine degişli maglumatlary anyklamak. | 2 |
| **Orta asyr taryhy** | – Merkezi Aziýanyň jemgyýetçilik ýagdaýy, irki orta asyrlarda dörän döwletler, ýerli häkimlikler we şol döwrüň medeni durmuşy baradaky maglumatlary özleşdirip bilmek;<br><br>– araplaryň ýurdumyzda hökümdarlygyny ornatmagy we munuň netijesinde Turanda syýasy, sosial-ykdasady, medeni ugurlarda bolup geçen üýtgeşmeleri deňeşdirip bilmek;<br><br>– Araplaryň hökümdarlygyndan soňra Merkezi Aziýadaky syýasy ýagdaý, ilki Horezmde, Mamunileriň hökümdarlygy, soňra bolsa Anuşteginleriň hökümdarlygy bilen baglanyşykly maglumatlary anyklamak;<br><br>– Jelaleddin Meňburnuň gahrymançylygy, Çagataý ulusy we etniki prosesler bilen baglanyşykly maglumatlary tapawutlandyryp we uýgunlaşdyryp bilmek;<br><br>– Mawerennahrdaky we Horezmdäki medeni durmuş: edebiýat, dini bilimleriň ösüşi, binagärlik, sungat we saz bilen baglanyşykly maglumatlary özara tapawutlandyryp we deňeşdirmek;<br><br>– Temuriler imperiýasynyň döremegi, bu döwletiň syýasy, ykdysady, sosial, harby we medeni durmuşy bilen baglanyşykly maglumatlary deňeşdirmek;<br><br>– XIV we XV asyrlarda häzirki zaman siwilizasiýasynyň ösüşinde ylmyň we medeniýetiň ornuny anyklamak we oňa uýgunlaşdyrmak. | 3 |

| | | |
|---|---|---|
| **Üç hanlyk döwri** | – XV asyryň ahyrynda we XVI asyryň başynda Mawerannahrda we Horasanda syýasy ýagdaýy kesgitlemek;<br>– Buhara hanlygynyň döremegi, onuň döwlet dolandyryşyny, sosial-ykdysady, medeni we harby ugurlaryny tapawutlandyryp bilmek.<br>Aştarhanylar hanlygy we Mangytlar dinastiýasynyň häkimiýete gelmegi, Hywa hanlygynyň döremegi, bu döwletleriň içerki we daşary syýasatyny, özara gatnaşyklaryny, olaryň birmeňzeş we tapawutly taraplaryny anyklap deňeşdirip bilmek;<br>– Garagalpaklaryň halk hökmünde kemala gelmegi, olaryň sosial, syýasy we medeni durmuşyny seljermek;<br>– Müňler dinastiýasynyň häkimiýete gelmegi, Kokant hanlygynyň içerki we daşary syýasaty baradaky maglumatlary seljeriň we umumylaşdyryň. | 3 |
| **Özbegistanyň taryhynyň XIX asyryň ortalaryndan 1917-nji ýyla çenli döwri** | – XIX asyryň ortalarynda Merkezi Aziýadaky döwletlerde bolup geçen wakalaryň seljermek;<br>– Russiýa imperiýasynyň Merkezi Aziýa çozmagy we höküm sürmegi, şeýle hem Russiýanyň kolonial syýasatyna garşy halk hereketleri bilen baglanyşykly maglumatlary anyklak we umumylaşdyrmak;<br>– Türküstan general-gubernatorlygy, ýer, suw we kazyýet ulgamlarynda durmuşa geçirilen özgertmeleri anyklamak, seljermek we jemlemek;<br>– XIX asyryň ikinji ýarymynda Türküstandaky milli azatlyk hereketleri we onuň ýüze çykmagynyň sebäpleri netijelerini tapawutlandyryp bilmek;<br>– XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başynda garagalpaklaryň geografik ýerleşişi, olaryň sosial durmuşy, Türküstan general-gubernatorlygyna goşulyşy baradaky maglumatlaryň hronologik yzygiderliligini kesgitläp bilmek;<br>– jeditçilik hereketiniň döremegi, onuň maksatlary we wezipeleri, şeýle hem jeditçilik hereketiniň wekilleri we ýerine ýetiren işleri baradaky maglumatlary tapawutlandyryp bilmek;<br>–Birinji jahan urşunyň Türküstana täsiri we urşuň netijeleri anyklamak;<br>– ýaş buharalylaryň we ýaş hywalylaryň işleri, Buhara emirliginiň, Hywa hanlygynyň dargamagy we kolonial | 4 |

| | | |
|---|---|---|
| | döwürde medeni durmuş bilen baglanyşykly maglumatlaryň klassifikasiýasyny tapmak;<br>–Kolonial şertlerde Türküstanda bilim ulgamy, metbugat, ylmy ösüş, teatr, saz we binagärlik ugurlarynyň özüne has aýratynlyklaryny tapawutlandyryp bilmek; | |
| **Özbegistanyň 1917-nji ýyldan 1991-nji ýyla çenli taryhy** | – 1917-nji ýylda Russiýada häkimiýetiň çalyşmagy, onuň Türküstana täsiri we Türküstanda Sowet häkimiýetiniň ornadylmagy bilen baglanyşykly maglumatlary tapawutlandyryp bilmek;<br>– Türküstan awtonomiýasynyň döredilmegi we dargadylmagy, Merkezi Aziýada alnyp barylan milli garaşsyzlyk hereketi baradaky maglumatlary tapawutlandyryp bilmek;<br>– Merkezi Aziýada geçirilen territoriýa çäklerini kesgitlemek we onuň netijeleri, Sowetleriň Türküstanda amala aşyran özgertmeleri we olaryň alyp baran syýasaty barada maglumatlary anyklap bilmek;<br>– Özbegistan SSR-de XX asyryň 1920-nji we 1930-njy ýyllarda amala aşyrylan repressiw syýasat baradaky maglumatlary tapawutlandyryp bilmek;<br>– Ikinji jahan urşy, özbegistanlylaryň frontdaky batyrlygy we gahrymançylygy baradaky maglumatlary anyklamak we tapawutlandyrmak;<br>– Ilkinji general-maýor Sabyr Rahymowyň hereketleri, uruş döwründe ylmyň we medeniýetiň ýagdaýy, şeýle hem uruşdan soňky döwürde Özbegistan SSR-niň halk hojalygy bilen baglanyşykly maglumatlaryny klassifikasiýasyny tapmak;<br>– XX asyryň 80-90-njy ýyllarynda Özbegistan SSR-de “Pagta işi”, “Özbegistan işi” diýlip atlandyrylan syýasy repressiýalaryň amala aşyrylmagy we ateistik propaganda baradaky maglumatlaryň yzygiderliligini kesgitläp bilmek. | 4 |

| | | |
|---|---|---|
| **Özbegistanyň garaşsyzlyk döwri**<br><br>**(1991 – 2025)** | – Özbegistan Respublikasynyň döredilmegi, döwlet dolandyryş ulgamy we raýat jemgyýetiniň kemala gelmegini anyklap bilmek;<br><br>– Döwletimiziň ýaragly güýçleriniň we milli goşunynyň döredilmegi, bu ugurda amala özgertmeleriň klassifikasiýasyny tapmak;<br><br>– milli ykdysadyýet, sosial syýasat we onuň durmuşa geçirmek basgançaklaryny tapawutlandyryp bilmek;<br><br>– ýurduň önümçilik kuwwatynyň artmagy we dünýä ykdysadyýetine integrirlenmegi, milletara ylalaşyk we dini sabyrlylyk syýasaty, bilim we ylym baradaky maglumatlary anyklamak;<br><br>– Milli we dini gymmatlyklar, Beýik ata-babalaryň ýadygärliginiň dikeldilmegi, medeniýetiň we sungatyň ösüşi bilen baglanyşykly maglumatlary tapawutlandyryp bilmek;<br><br>– Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasatynyň şekillenmegi we ileri tutulýan ugurlary, dünýäniň öňdebaryjy ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy bilen baglanyşykly maglumatlary anyklamak;<br><br>–Özbegistanyň halkara guramalara agzalygy, olar bilen hyzmatdaşlykda amala aşyrylýan maksatnamalary kesgitlemek. | 4 |
| **Jemi** | | **20** |

## IV. Kognitiw endikler boýunça paýlanyşy

| Kognitiw dereje | Düşündirişi | Testleriň sany |
|---|---|---|
| **Bilmek (B)** | Bilmek derejesindäki, ýagny reproduktiw ýumuşlar, okuwçydan okuw materialyny gaýta işlemezden ýadynda saklamak we tanyş ýagdaýlarda ulanmagy talap edýär. Bu görnüşli ýumuşlar aşakdakylary bahalandyrýar: baglylyklar, belgiler, düşünjeler, adalgalaryň many-mazmuny we olary ýatda saklamak | 5 |
| **Ulanmak (U)** | Ulanmak derejesindäki, ýagny produktiw ýumuşlar, okuwçydan öwrenen kanun we baglanyşygy berlen ýagdaýa görä saýlamak, seljermek, deňeşdirmek, bir näçe kanun we baglylylgy bir wagtda ulanmak we umumylaşdyrmak, şeýle hem netije çykarmagy talap edýär. | 13 |

| | | |
|---|---|---|
| **Pikir ýöretmek (P)** | Netije çykarmak derejesindäki, ýagny intellektual wezipeler boýunça okuwçydan öwrenen bilimlerini we endiklerini nätanyş ýagdaýlarda ulanmak, seljermek, sintezlemek, deňeşdirme deňeşdirmelerini geçirmek, kanunlary we nusgalary ulanyp umumylaşdyrmak we netije çykarmak talap edilýär. | 2 |

## V. Ýumuşlaryň görnüşi boýunça paýlanyşy

| **ÝUMŞUŇ GÖRNÜŞ** | **DÜŞÜNDIRIŞI** | **ÝUMŞUŇ SANY** |
|---|---|---|
| Gysga jogaply açyk test **(O1)** | sowala gysga jümle bilen jogap bermegi talap edýän ýazuwly ýumuşlar | 6 sany |
| Uýgunlaşdyrmaly açyk test **(O2)** | sowalyň mazmunyna laýyk jogaplary uýgunlaşdyrmagy talap edýän ýazuwly ýumuşlar | 5 sany |
| Köp saýlamaly ýapyk test **(Y1)** | sowalyň mazmunyna laýyk bolan jogap wariantlarynyň içinden dogrularyny tapmagy talap edýän ýapyk test ýumuşlary | 9 sany |

## VI. Bahalamagyň ölçegi we ballary baha öwürmegiň tertibi

Okuwçylaryň ýazuw işleri jemleýji döwlet attestatsiýasy synaglarynda iň ýokary 100 bal bilen bahalanýar. Ýumuşlar üçin berlen ballar olaryň çylşyrymlylyk derejesini, olary ýerine ýetirmek üçin zerur bolan bilim, başarnyk we logiki pikirlenişiň möçberini göz öňünde tutup kesgitlenýär. Ýumuşlaryň mazmunyna we kynlyk derejesine baglylykda dürli ballar bilen bahalanýar. Her bir ýumşy bahalamak ölçegleri baha görnüşinde berlen. Aşakda ballary baha konwertasiýa etmek boýunça tablisa berlen:

### Baly baha öwürmek tablisasy

| **Bal (%)** | **Baha** | **Düşündirişi** |
|---|---|---|
| 0 – 29 | “2” | “kanagatlanarsyz’ |
| 30 – 65 | “3” | “kanagatlanarly” |
| 66 – 85 | “4” | “gowy” |
| 86 – 100 | “5” | “örän gowy” |

## VII. Bahalandyryş görnüşi

Okuwçynyň bilimlerini, endiklerini we kompetensiýalaryny bahalamagyň tapgyry, bahalanýan mazmun ugry, ýumşuň görnüşi, kognitiw prosesi we bahalamagyň ölçegleri aşakdaky tablisada görkezilen:

| Ýumşuň tertip sanawy | Mazmun ugry | Ýumşuň görnüşi | Kognitiw dereje | Bahala-magyň ölçegi |
|---|---|---|---|---|
| **1-nji basgyç** | | | | |
| 1. | Iň gadymy sistemadan (ulgamdan) siwilizasiýa çenli. | O1 | B | 2 bal |
| 2. | Miladydan öňki I müň ýyllykda Merkezi Aziýa. | O2 | U | 6 bal |
| 3. | Orta asyrlarda ýer eýeçiligi gatnaşyklarynyň emele gelmegi we ösüşi. Arap halyfaty döwründe Mawerannahr. | O2 | U | 6 bal |
| 4. | Mawerannahrda garaşsyz döwletleriň emele gelmegi. Ata-babalarymyzyň ylmy mirasy ebediýata degişli ruhy hazyna. | O2 | U | 6 bal |
| 5. | Emir Temuryň we Temuriler döwrüniň taryhy XIV-XV asyrlarda häzirki zaman siwilizasiýasynyň ösüşinde ylmyň we medeniýetiň orny we ähmiýeti. | O2 | U | 6 bal |
| 6. | XV asyryň ahyrynda we XVI asyryň başynda Mawerannahrda we Horasanda syýasy ýagdaý. | O2 | U | 6 bal |
| 7. | Buhara hanlygy we emirligi, Hywa hanlygy. | O2 | U | 6 bal |
| 8. | XVI-XIX asyryň birinji ýarymynda garagalpaklar. XVIII-XIX asyryň birinji ýarymynda Kokant hanlygy. | O3 | P | 6 bal |
| 9. | XIX asyryň ortalarynda özbek hanlyklarynyň syýasy, ykdysady we medeni durmuşy. Russiýa imperiýasynyň Merkezi Aziýanyň basyp alynmagy. Russiýa imperiýasynyň Türküstandaky kolonial syýasaty. | O3 | P | 6 bal |
| 10. | XIX asyryň ahyrynda Türküstanda milli azatlyk hereketleri. XIX asyryň ikinji ýarymynda - XX asyryň başynda garagalpaklar. | O2 | U | 6 bal |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 11. | Jeditler hereketi we onuň Türküstanynyň sosial-syýasy we medeni durmuşyna täsiri, Türkistan we birinji Jahan urşy. XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başynda Buhara emirligi we Hywa hanlygy. | O2 | U | 6 bal |
| 12. | Kolonial şertlerde Türküstanda medeni durmuş. | O1 | B | 2 bal |
| 13. | 1917-nji ýylyň fewral we oktýabr wakalary, onuň Türküstana täsiri. Türküstan awtonomiýasy, Türküstan ASSR-y, BHSR, HHSR-de sowet häkimiýetine garşy ýaragly hereketler. | O2 | U | 6 bal |
| 14. | Merkezi Aziýada territoriýalaryň bölünişi, Sowet häkimiýeti tarapyndan geçirilen özgertmeleriň many-mazmuny, Özbegistanda sowet häkimiýeti tarapyndan alnyp baran senagatlaşdyrma (industrlaşma) we medeni syýasat. | O1 | B | 2 bal |
| 15. | Özbegistanda amala aşyrylan repressiýa syýasaty. Ikinji jahan urşy, özbegistanlylaryň frontdaky batyrlygy we gahrymançylygy. | O2 | U | 6 bal |
| 16. | Gwardiýaçy general-maýor Sabyr Rahimow. Özbegistanyň ylmy we medeniýeti ýeňiş hyzmatynda. | O1 | B | 2 bal |
| 17. | Milli döwletliligiň dikeldilmegi. | O1 | B | 2 bal |
| 18. | Ykdysady özgertmeler we sosial syýasat. Bilim we ylym. | O2 | U | 6 bal |
| 19. | Ruhy we medeni ösüş. Halkara gatnaşyklary we daşary syýasat. | O2 | U | 6 bal |
| 20. | Halkara we sebitleýin guramalar bilen hyzmatdaşlyk. | O2 | U | 6 bal |
| **Jemi** | | **100 bal** | | |
| **Jemi** | | **100 bal** | | |

## VIII. Synagyň tertibi

*Gadagan edilen enjamlar:* synagyň wagtynda mobil telefon, akylly sagat, planşet ýa-da bellikleri ulanmak berk gadagandyr.

*Ahlak we tertip-düzgün:* Göçürmek, kömek soramak ýa-da kömek bermek, synagyň wagtynda gürleşmek we rugsatsyz çykyp gitmek gadagandyr.

Gözegçi düzgüniň bozulmagyny anyklanda, ol delalatnama düzýär, dalaşgäri testden çykarýar we netijesini kabul etmeýär.

## IX. Maslahat berilýän edebiýatlar

1. Gadymy dünýä taryhy 6-njy synp okuw kitaby. A.S.Sagdullaýew, W.AKosteskiý “Yangiyo‘l poligraf servis”, Daşkent-2017.

2. Özbegistanyň taryhy, 7-nji synp okuw kitaby. A.Muhammadjonow “Sharq”, Daşkent-2017.

3. Özbegistanyň taryhy 8-nji synp okuw kitaby. U.Juraýew, K.Usmanow, G.Juraýewa, N.Narkulow, “O‘qituvchi”, Daşkent-2019.

4. Özbegistanyň taryhy 9-njy synp okuw kitaby. S.Tillabaýew, A.Zamonow, “Sharq”, Daşkent-2019.

5. 10-njy synp üçin Özbegistanyň taryhy okuw kitaby. S. Tillaboýew we başg. Respublikan tälim merkezi, Daşkent-2022.

6. Özbegistanyň taryhy 11-nji synp okuw kitaby. A.Zamonow, O. Abdimominow we başg. Respublikan tälim merkezi, Daşkent-2025.

**1-nji sorag**

**1. Çopper görnüşli zähmet gurallarynyň oýlanyp tapylmagy ilkidurmuş adamlaryň jemgyýetçilik durmuşyna nähili täsir etdi?**

I. Adamlar ýeke ýagdaýda ýaşamagy saýlap, jemgyýetçilik gatnaşyklary azaldy.
II. Tebigy baýlyklara bolan zerurlyk azaldy we awçylyk togtady diýen ýalydy.
III. Zähmet işi emele gelip, iýmit tapmak mümkinçilikleri giňeldi.

| | |
|---|---|
| **Jogaby:** | III |
| **Bal:** | |

**2. Soňky paleolit döwründe hem buzluk döwri dowam edipdir. Şeýle ýagdaý adamlaryň durmuşynda nähili üýtgeşmelere sebäp boldy?**

I. Adamlar diňe ösümlikleri ýygnamak bilen meşgullanyp, awçylykdan ýüz öwürdiler.
II. Sowuk şertlere uýgunlaşyp, egin-eşik tikmek we ýaşaýyş jaýlaryny gurmak başlandy.
III. Maldarçylyk esasy hojalyk pudagyna öwrüldi.

| | |
|---|---|
| **Jogaby:** | II |
| **Bal:** | |

***3. Neolit döwrüne gelnende Gadymy Gündogaryň ilatynyň ekerançylyk bilen meşgullanmagy olaryň durmuşynda nähili üýtgeşmelere getirdi?**

I. Özleşdiriji hojalyk adamlaryň esasy hojalyk ýöretmegiň görnüşine öwrüldi.
II. Adamlarda göçme durmuş güýçlenip, olar täze ýerler boýunça göçmäge mejbur boldy.
III. Adamlar oturymly durmuş görnüşine geçip, hemişelik ýaşaýyş ýerleri emele geldi.

| | |
|---|---|
| **Jogaby:** | III |
| **Bal:** | |

**4. Ilkidurmuş adamlaryň patriarhat (ata-erkek häkimligi) döwrüne geçmegi şol döwürdäki jemgyýetçilik durmuşynda nähili üýtgeşmelere getirdi?**

I. Erkekleriň orny güýçlenip, maşgalada ata tarapyndan ýakyn garyndaşlaryň birnäçe neslini öz içine alýan gurluş emele geldi.
II. Aýallar jemgyýetdäki ähli ýolbaşçy roly saklap, dolandyryş doly olaryň eline geçdi.
III. Jemgyýetçilik eýeçiligi doly ýitip, döwlet gurluşy we ýazuw kanunlary ulgamy peýda boldy.

| | |
|---|---|
| **Jogaby:** | I |
| **Bal:** | |

**5. Surhan jülgesindäki Deşikdaş ýadygärliginiň tapylmagy Özbegistanyň taryhy üçin nähili ähmiýete eýe boldy?**
I. Arheologlar Özbegistanyň çägindäki şäherleriň ýaşyny kesgitlemekde esasy maddy çeşmä eýe boldular.
II. Orta paleolit döwründe Özbegistanyň çäginde metallurgiýanyň we hünärmentçiligiň giňden ösendigini görkezdi.
III. Özbegistanyň çäginde gadym döwürlerden bäri ilkidurmuş adamlaryň ýaşandygyny we olaryň medeniýetiniň bolandygyny tassyklady.

| | |
|---|---|
| **Jogaby:** | III |
| **Bal:** | |

## 2-nji sorag

**1.** Aşakdaky maglumatlaryň haýsysy Zarduştylyk dinine degişli däl?
**I.** Dini dabaralar açyk asmanyň astynda, ot ýakylýan ýerde ýa-da öý ojagynyň töwereginde geçirilýärdi.
**II.** Zarduştylyk wagyzlarynyň ähli tekstleri biziň eramyzdan öňki IX-VIII asyrlarda 21 kitapda jemlenendir.
**III.** Mitra otly ýyldyrymlaryň kömeginde ýamanlygyň we ölümiň hudaýy bolan Ahriman bilen söweşýär.
**IV.** Bu dinde adamyň esasy borjy, ilki bilen, adalatly ýaşaýyş ýörelgesini ýöretmek hasaplanýar.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | | |
| **Bal:** | | | | |

**2.** Aşakdakylardan saklaryň ikinji toparyna degişli dogry jogaplary anyklaň.
**I.** Olar Aral deňziniň kenarynda we Syrderýanyň aşaky akymlarynda ýaşapdyrlar.
**II.** Olara Saka-khaumowarka, ýagny mukaddes içgä sygynýan saklar diýipdirler.
**III.** Uçly keçe papak (galpak) geýip ýörýän saklar diýipdirler.
**IV.** Olar Daşkent welaýatynda we Günorta Gazagystanda ýaşaýardylar.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | | |
| **Bal:** | | | | |

**3.** Aşakdaky maglumatlaryň haýsysy Ahemenileriň Merkezi Aziýa garşy harby ýörişi bilen baglanyşykly däl?
**I.** Saklardan bolan ýaş çopan ýigit Şirak Ahemeni hökümdary Doro I-e garşy söweşdi.
**II.** Sogdianada Spitameniň ýolbaşçylygynda uly gozgalaň başlandy.
**III.** Doro I0 hökümdarlygynyň üçünji ýylynda saklaryň üstüne ýöriş etdi.
**IV.** Kir II Massagetleriň melikesi Tomaris bilen bolan söweşde wepat boldy.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | | |
| **Bal:** | | | | |

**4.** Makedoniýaly Aleksandr bilen baglanyşykly bolmadyk jogaby tapyň.
**I.** Myladydan öňki 329-njy ýylda Marokandy basyp aldy.
**II.** Saklara garşy göreşmek üçin Aleksandriýa Eshatany gurdy.
**III.** «Politimet» (Zerewşan) derýasynyň boýunda Spitameniň goşunyny gyrdy.
**IV.** Myladydan öňki 328-njy ýylyň güýzünde Spitamen bilen aýgytly söweş boldy.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | | |
| **Bal:** | | | | |

**5.** Aşakdakylardan Selewkidleriň döwleti bilen baglanyşykly bolmadyk aşakdaky jogaby tapyň.
**I.** Döwletiň bir bölegi bolan Orta Aziýa satrapiýalara bölündi.
**II.** Miladydan öňki 323-ýylda Selewkus Babyl onuň hökümdary boldy.
**III.** Selewkusyň ogly Antioh Gündogar welaýatlarynyň häkimi wezipesine bellendi.
**IV.** Döwleti goramak we goşunlaryň guralyşy bilen strateg meşgullanypdyr.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | | |
| **Bal:** | | | | |

## 3-nji sorag

**1.** Dogry laýyklaşdyrylan jogaby anyklaň.

| | | |
|---|---|---|
| **I. Horezm**<br><br>**II. Kidariýler** | A | Orta Aziýada 120 ýyldan gowrak wagt hereket edýär. |
| | B | Hökümdary ilki “Mälikşa”, soňra “ýabgu” diýlip atlandyrylypdyr. |
| | Ç | Bürgüt we laçyn döwletde hökümrowanlygyň simwoly hasaplanypdyr. |
| | D | Eftallardan ýeňlenden soň, olar Demirgazyk Hindistana çekilip, ol ýerde 75 ýyl höküm sürüpdirler. |

| | I | II |
|---|---|---|
| **Jogaby:** | | |
| **Bal:** | | |

**2.** Dogry laýyklaşdyrylan jogaby anyklaň.

| | | |
|---|---|---|
| **I. Istami**<br><br>**II. Tong ýabgu** | A | Dolandyryş ulgamy özgerdildi we ýerli hökümdarlara hanlygyň “ýabgu” ady berildi. |
| | B | Türkleriň günbatara tarap ýörişlerine ýolbaşçylyk edýär. |
| | Ç | Abruý gozgalaňyny basyp ýatyrdy we kadiwarlary we hyzmatkärleri öz hojaýynlaryna gaýtaryp berdi. |
| | D | Altaýda we Günorta Sibirde Türk hanlygyny esaslandyrdy. |

| | I | II |
|---|---|---|
| **Jogaby:** | | |
| **Bal:** | | |

**3.** Dogry laýyklaşdyrylan jogaby anyklaň.

| | | |
|---|---|---|
| **I. Kidariler – sasanylar**<br><br>**II. Eftallar – sasanylar** | A | 456-njy ýylda olar özara diplomatik gatnaşyklary ýola goýdular. |
| | B | Iki döwletiň arasyndaky uruş Perozyň ölümi bilen tamamlandy. |
| | C | VII asyryň birinji ýarymynda söwda ilçileri dokuz gezek iberildi. |
| | D | 456-njy ýylda döwletleriň arasynda gapma-garşylyk ýüze çykdy. |

| | **I** | **II** |
|---|---|---|
| **Jogaby:** | | |
| **Bal:** | | |

**4.** Dogry laýyklaşdyrylan jogaby anyklaň.

| | | |
|---|---|---|
| **I. Buhara**<br><br>**II. Samarkant** | A | 710-njy ýylda Kuteýba ibn Müslim tarapyndan basylyp alyndy. |
| | B | Abruýyň ýolbaşçylygynda Türk hanlygyna garşy gozgalaň bolýar. |
| | C | 718-nji ýylda bu şäherden Hytaýa sowgat hökmünde tuwalga iberilýär. |
| | D | 651-nji ýylda araplara söweşsiz boýun egen şäher hasaplanýar. |

| | **I** | **II** |
|---|---|---|
| **Jogaby:** | | |
| **Bal:** | | |

**5.** Dogry laýyklaşdyrylan jogaby anyklaň.

| | | |
|---|---|---|
| **I. Wezir ul-wuzaro**<br><br>**II. Emir ul-umaro** | A | Halyfatda harby işler üçin jogapkär bolan emeldar. |
| | B | Onuň esasy wezipesi gaznadan gelýän girdejini paýlamakdy. |
| | C | Ol hökümdaryň permanlaryny aşaky gatlaga ýetirmek bilen meşgullanýardy. |
| | D | Arap halyfatynda döwlet dolandyryşynda möhüm wezipäni eýeleýän uly wezir. |

| | **I** | **II** |
|---|---|---|
| **Jogaby:** | | |
| **Bal:** | | |

## 4-nji sorag

**1.** Aşakdakylary dogry deňeşdiriň.

***1. Farjak medresesi*** ***2. Fakihler medresesi***

a) Buharanyň bu gadymy binasy X asyrda gurlan;
b) Samarkantda gurlan bolup, iki gatdan we elli hüjreden (otagdan) ybarat;
ç) Orta Aziýadaky ilkinji ylmy merkez hasaplanýar;
d) Buharanyň Derwezei Mansur mähellesinde gurlan.
e) Medresäniň açylan güni ilkinji dersi Şamsiddin Muhammet Hawafi berdi;
ä) Kanunşynaslar üçin ýörite gurlan.

| | **1** | | **2** | |
|---|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | | |
| **Bal:** | | | | |

**2.** Taryhy şahslary berlen maglumatlar bilen dogry deňeşdiriň.

***1. Rofe ibn Laýs*** ***2. Ýakup ibn Laýs***

a) Bu şahsyň ýolbaşçylygyndaky gozgalaň Tahyrylara garşy gönükdirilen;
b) Abbasidlere garşy gozgalaňa ýolbaşçylyk etdi;
ç) Bu şahsyň hereketleri netijesinde, Ummawylar agdarylyp, olaryň ýerine Abbasidler häkimýet başyna gelýär;
d) Buharadaky gozgalaňa ýolbaşçylyk edýär we Abu Muslime garşy söweşýär;
e) 873-nji ýylda ol Horasanyň paýtagty Nişapury basyp alýar;
ä) Bu şahsy tussag etmek üçin Horasanyň häkimi Mamun Samanhudatyň agtyklaryndan kömek soraýar.

| | **1** | | **2** | |
|---|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | | |
| **Bal:** | | | | |

**3.** Aşakdaky döwletleri berlen maglumatlar bilen dogry deňeşdiriň.

***1. Gaznawylar döwleti*** ***2. Samanylar döwleti***

a) Narşahynyň pikiriçe, döwlet dolandyryşy esasan on diwan arkaly amala aşyrylypdyr;
b) Welaýat hökümdaryna häkim, şäher hökümdaryna bolsa başlyk diýilýärdi;
ç) Döwletde tagta dalaşgärleri kesgitlemek we hödürlemek üçin geňeş bardy;
d) Döwletiň gudratly goşundan başga-da, deňiz güýçleri (floty) hem bardy;
e) VII asyryň birinji ýarymynda döwletiň Hytaý bilen ykdysady gatnaşyklary güýçlendi;
ä) Döwlet ösen döwründe Mawerannahry, Horasany, Demirgazyk we Gündogar Eýrany öz içine alýardy.

| | **1** | | **2** | |
|---|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | | |
| **Bal:** | | | | |

**4.** Orta asyrlarda bolan söweşleri dogry deňeşdiriň.

***1. Hojant şäheriniň golaýyndaky söweş*** ***2. Talas jülgesindäki söweş***

a) Söweşiň netijesinde samanylar döwleti taryh sahnasyndan ýitip gidýär;
b) Bu söweşde hytaýlylar ýeňilýär;
ç) Bu söweşde Sobuktegin dönüklik edip, Buharany basyp alýar;
d) Söweşiň netijesinde Hytaý goşuny ýurduň çäginden kowup çykarylýar;
e) Garahanlylar bilen gagahytaýlaryň arasynda bolup geçýär;
ä) Garahanlylaryň lideri Mahmyda agyr zarba berilýär.

| | **1** | | **2** | |
|---|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | | |
| **Bal:** | | | | |

**5.** Tarykatlara degişli maglumatlary dogry deňeşdiriň.

***1. Ýasawy tarykaty*** ***2. Kubrawiýa tarykaty***

a) terkidünýäçiligi inkär edýär;
b) kemalata ýalňyzlyk we terkidünýäçilik arkaly kämillige ýetmek pikiri öňe sürülýär;
ç) bu tarykat Mawerannahrda, Horasanda we Horezmde giňden ýaýraýar;
d) islendik kyn döwürde Watany goramaga we onuň garaşsyzlygy üçin göreşmäge çagyrýar;
e) adamzat hormat derejesine çenli beýgeldilýär;
ä) onuň ösüşine Alyşir Nowaýy, Abdyrahman Jamy we Hoja Ahrar ýaly alymlar uly goşant goşdular.

| | **1** | | **2** | |
|---|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | | |
| **Bal:** | | | | |

## 5-nji sorag

**1.** Dogry deňeşdirilen jogaby anyklaň.

| **Ýyl** | **Şahs** | **Waka** |
|---|---|---|
| 1381-nji ýyl | Emir Temur | ____A___. |
| ___B___. | Emir Hüseýn | Iki günlük gabawdan soň, Emir Temura boýun egmäge mejbur boldy. |
| 1365-nji ýyl | ___Ç___. | Daşkent bilen Çinazyň arasyndaky Çyrçyk derýasynyň boýundaky söweşde ýeňiş gazandy |

1. 1370-nji ýyl.
2. Ylýashoja.
3. Tugluk Temur.
4. Horezme bäşinji gezek ýöriş edip, ony doly boýun egdirdi.
5. Hyrat, Seistan we Mazanderan şäherlerini basyp alyp, Horasanda öz hökümdarlygyny ornaşdyrdy.
6. 1363-nji ýyl.

| **Jogaby:** | A | B | Ç |
|---|---|---|---|
| | | | |
| **Bal:** | | | |

**2.** Dogry laýyklaşdyrylan jogaby ýazyň.

| **Ýyl** | **Şahs** | **Waka** |
|---|---|---|
| 1385-nji ýyl | Emir Temur | ____A____. |
| ___B___. | Klawiho | öz watanyna gaýdyp geldi |
| 1553-nji ýyl | ___Ç___. | Ýewropaly alymlaryň Emir Temur baradaky ilkinji ylmy işi “Skifiýaly Teýmirleňiň şöhraty” atly eseri neşir edildi. |

1. 1404-nji ýyl.
2. Fransiýa we Angliýa ýörite ilçiler arkaly Karl VI we Genrih IV-e hat iberýär.
3. Perondino.
4. 1406-njy ýyl.
5. Pero Meksika.
6. Müsür soltany Barkuk bilen resmi gatnaşyklar başlandy.

| **Jogaby:** | A | B | C |
|---|---|---|---|
| | | | |
| **Bal:** | | | |

**3.** Dogry laýyklaşdyrylan jogaby ýazyň.

| **Ýyl** | **Şahs** | **Waka** |
|---|---|---|
| 1405-nji ýyl | Halyl Soltan Mürze | ______A______. |
| ____B____. | Emir Hudaýdat | Uratepa we Şahruhiýa şäherlerini aňsatlyk bilen basyp alyp, Samarkanda tarap ýöriş etdi. |
| 1411-1412-nji ýyllar | ____Ç____. | Mawerannahry we Türküstany doly dolandyrmak onuň eline geçýär |

1. 1409-njy ýyl.
2. Pir Aly toz başlyk dildüwşükçileriň eline düşýär we wepat bolýar.
3. Şahruh Mürze.
4. Samarkandy doly basyp aldy we özüni Mawerannahryň ýokary hökümdary diýip yglan etdi.
5. 1410-njy ýyl.
6. Mürze Ulugbek.

| **Jogaby:** | A | B | Ç |
|---|---|---|---|
| | | | |
| **Bal:** | | | |

**4.** Dogry laýyklaşdyrylan jogaby ýazyň.

| **Ýyl** | **Şahs** | **Waka** |
|---|---|---|
| 1410-njy ýyl | ____A____. | öz ýaranlary bilen Ulugbege garşy söweşip, ony ýeňýär. |
| 1425-nji ýyl | Mürze Ulugbek | ______B______. |
| ____Ç____. | Şahruh | Horezmi Altyn Ordadan gaýtaryp alýar. |

1. Halyl Soltan Mürze.
2. Yssykkölüň golaýyndaky söweşde mongollary ýeňýär.
3. 1409-njy ýyl.
4. 1413-nji ýyl.
5. Şaýh Nuriddin.
6. Damask obasynda bolan söweşde ýeňildi.

| **Jogaby:** | A | B | Ç |
|---|---|---|---|
| | | | |
| **Bal:** | | | |

**5.** Dogry laýyklaşdyrylan jogaby ýazyň.

| **Ýyl** | **Şahs** | **Waka** |
|---|---|---|
| 1408-nji ýyl | Miranşah | ____A____. |
| ____B____. | Ulugbek | Ferganany we Kaşgary basyp alýar. |
| 1447-nji ýyl | _____Ç_____. | Horasanyň tagtyna çykýar. |

1. 1414-nji ýyl.
2. Weziri Pir Aly Toz başlyklaýyn dildüwşükçiler tarapyndan öldürilýär.
3. 1418-nji ýyl.
4. Gara Ýusup bilen bolan söweşde ýeňilmegi netijesinde, Azerbaýjanyň we Yragyň welaýatlary Temurileriň gol astyndan gidýär.
5. Alouddawla.
6. Soltan Hüseýn Baýkara

| **Jogaby:** | A | B | Ç |
|---|---|---|---|
| | | | |
| **Bal:** | | | |

## 6-njy sorag

**1.** Aşakdakylardan Abulhaýrhan bilen baglanyşykly 2 dogry jogaby tapyň.

a) Gypjak sährasynyň gündogar böleginde “Özbek ulusy” atly döwleti esaslandyrdy;
b) Mawerannahryň we Horasanyň temurilerine hem-de Mongoliýanyň hökümdarlaryna içki duşmanlara garşy göreşmekde harby kömek bermäge başlady;
ç) Döwletiň paýtagtyny Sygnak şäherine göçürmegi onuň temurilere garşy göreşe girendigini aňladýardy;
d) Mawerannahryň täsirli döwlet işgärleri şeýhulyslam Abulmakerimiň ýolbaşçylygynda ony Samarkand tagtyny eýelemäge höweslendirdiler;

| **Jogaby:** | | |
|---|---|---|
| **Bal:** | | |

**2.** Babyr Mürze bilen onuň inisi Jahangir Mürzäniň arasyndaky harby-syýasy dartgynlylygy bes eden şertnama bilen baglanyşykly 2 dogry jogaby anyklaň.

a) Jahangir Mürze Andijany eýeländen soň, Samarkanda bolan talabyndan ýüz öwürdi;
b) Syrderýanyň demirgazyk tarapy Ahsi şäheri bilen Jahangiriň gol astynda galdy;
ç) Babyr Mürze Andijana höküm etmeýän, diňe Samarkant bilen çäklenýän boldy;
d) Syrderýanyň günorta bölegi, Andijan şäheri bilen birlikde, Babyryň eýeçiliginde galdy.

| **Jogaby:** | | |
|---|---|---|
| **Bal:** | | |

**3.** Soltan Hüseýin Baýkara bilen Bediuzzamanyň arasyndaky urşa nähili faktorlar sebäp boldy?

a) Mazanderanyň we Seistanyň Müzeffer Hüseýin Mürzä berilmegi;
b) Soltan Hüseýin Baýkaranyň Müzeffer Hüseýin Mürzä nähak ýan basmagy;
ç) Badiuzzamanyň ogly Mömin Mürzäniň öldürilmegi;
d) Zafarnamada Badiuzzamanyň adynyň inisiniň adyndan soň agzalmagy.

| **Jogaby:** | | |
|---|---|---|
| **Bal:** | | |

**4.** Gypjak sährasyndaky özbek taýpalary näme üçin Muhammet Şeýbany hanyň häkimiýete gelmegini goldadylar?
a) Abulhaýr hanyň ölüminden soň başlanan gyrgynçylyklaryň gaýtalanmagyny islemeýärdiler;
b) Temuriler tarapyndan basylyp alnan welaýatlary yzyna gaýtarmaga ýeke-täk güýç Şeýbany han diýip bilipdirler;
ç) Horasan arkaly geçýän söwda ýollaryna doly gözegçilik etmegi maksat edinýärdiler;
d) Özbek taýpalary uzak wagtlap doly oturymly durmuşda ýaşamaga umyt baglapdyrlar.

| | | |
|---|---|---|
| **Jogaby:** | | |
| **Bal:** | | |

**5.** Şeýbany Ubaýdullahanyň taryhymyza goşan goşandy nähili?
a) Paýtagt hökmünde Samarkandyň abraýyny hemme taraplaýyn ýokarlandyrdy;
b) Ysmaýyl Sefewi goşunynyň hüjümlerini yzyna serpikdirdi we Mawerannahry olaryň harby-syýasy basyşyndan halas etdi;
ç) Babury hökümdar Şahjahan bilen diplomatik gatnaşyklary ösdürdi;
d) Ýurduň içindäki syýasy dagynyklyk ýok edildi.

| | | |
|---|---|---|
| **Jogaby:** | | |
| **Bal:** | | |

## 7-nji sorag

**1.** Wenn diagrammasyny ulanyp, aşakdaky **maňňyt** hökümdarlary bilen baglanyşykly taryhy wakalary deňeşdiriň.

**I. Muhammet Rahimbiý** **II. Şamyrat**




a) Samarkandy dikeltmek üçin çäreleri gördi;
b) köpçülige bil baglady we adalat ýörelgelerine berk eýerdi;
ç) ähli maňňyt beglerine uly ýer-mülkleri berdi;
d) Buharanyň ähli ilatyny ýurdy Hywa hanlygyndan goramaga çagyrdy;
e) merkezi häkimýete boýun egmejek bolan taýpalary ýaşaýan ýerlerinden göçürmek tejribesini ulandy.

| | I | II | III |
|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | |
| **Bal:** | | | |

**2.** Wenn diagrammasyny ulanyp, aşakdaky berlen döwletleri deňeşdiriň.

**I. Buhara emirligi        II. Kokant hanlygy**




a) Amyderýanyň öz hanasyny üýtgetmegi netijesinde ýurt ykdysady krizise duçar boldy;

b) XIX asyryň birinji ýarymynda Uradepe üçin birnäçe söweş alyp baryldy;

ç) 1832-nji ýylda Pekinde Hytaý bilen şertnama baglaşyldy;

d) XIX asyryň birinji ýarymynda döwletiň territoriýasy 200 müň$^{2}$-y düzüp, ilaty 2 million adamdan ybaratdy;

e) A. Bekowiç-Çerkasskiniň ýolbaşçylygyndaky ekspedisiýa pajygaly ýagdaýda tamamlandy.

| | **I** | **II** | **III** |
|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | |
| **Bal:** | | | |

**3.** Wenn diagrammasyny ulanyp, aşakdaky berlen hökümdarlary deňeşdiriň.

**I. Emir Haýdar       II. Muhammet Rahymhan I**




a) döwlet dolandyryş ulgamyny özgertmek we Ýokary Geňeşi we Kiçi Geňeşleri girizmek;

b) Arap han we Muhammet Emin ynak medreselerini täzeden gurduryar;

ç) 1804-nji ýylda Merwde onuň inisi Dinnosirbekiň ýolbaşçylygynda gozgalaň göterilýär;

d) Şährisebzi we Kitaby boýun egdirmek üçin 30 ýyllap göreş alyp barýar;

e) 1822-nji ýylda Merw üçin göreş alyp barýar.

| | **I** | **II** | **III** |
|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | |
| **Bal:** | | | |

**4.** Wenn diagrammasyny ulanyp, aşakdaky berlen hökümdarlary deňeşdiriň.

**I. Arap Muhammet han** **II. Ilbars han** (*şeýbany*)




a) Wezir şäherini Eýran goşunlaryndan halas edeni üçin öz ogullarynyň adyna “gazy” tahallusyny goşup aýtmagy buýurýar;
b) öz döwletiniň paýtagtyny özgerdýär;
ç) resmi taýdan goňratlar dinastiýasynyň hökümdarlygyny yglan edýär;
d) onuň hökümdarlyk eden döwründe döwlet Hywa hanlygy diýlip atlandyrylyp başlaýar;
e) gümrük ulgamyny özgerdýär we ýurtda içgiligi gadagan edýär.

| | I | II | III |
|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | |
| **Bal:** | | | |

**5.** Wenn diagrammasyny ulanyp, aşakdaky berlen **şeýbany** hökümdarlar bilen bagly taryhy wakalary deňeşdiriň.

**I. Ubaýdulla han** **II. Abdulla han II**




a) Balhy Eýran sefewilerinden halas edip, ol ýere inisi Weli Muhammedi häkim edip belleýär;
b) sefewilere garşy göreşde ruhy ylham berijisi bolan Abdylla Sabrany tarapyndan goldanýar;
ç) Horezme hüjüm edip, Hywa hanlygyny boýun egdirýär;
d) ýurduň welaýatlaryny ogullaryna we ýakyn garyndaşlaryna emläk hökmünde paýlamagy netijesinde syýasy dagynlyk giňden ýaýrapdyr;
e) Sefewilere garşy göreş alyp barmagynyň netijesinde Horasanyň demirgazyk bölegini eýeleýär.

| | I | II | III |
|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | |
| **Bal:** | | | |

**8-nji sorag**

**1.** Aşakdaky maglumatlary seljeriň we wakanyň we onuň netijesiniň dogrudygyny ýa-da nädogrudygyny anyklaň.

| № | Waka | Netije |
|---|---|---|
| 1 | Çingiz hanyň Ürgenç şäherini basyp almagy we Amyderýa bendiniň weýran edilmegi netijesinde Amyderýa öz ugruny üýtgetdi. | Aralboýy garagalpaklaryň bir bölegi Wolga we Ural derýalarynyň boýlaryna Syrderýa oazislerine göçmäge mejbur boldy. |
| 2 | XVI asyryň ikinji ýarymynda Nogaý hanlygy dargady. | Garagalpaklar Syrderýanyň aşaky akymyna göçüp, Kiçi Ýüz gazak hanlygynyň düzümine girdiler |
| 3 | Hywanyň hany Said Muhammet han garagalpak halkynyň güýçli basymy astynda olara öz-özüni dolandyrmak hukugyny berdi. | Hywa hanlygynyň düzüminde bolsa, garagalpaklaryň döwletliligi netijeli dikeldildi we ähli häkimýet hanlygyň elinde jemlendi. |

| | Dogry | | | Nädogry | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **Jogaby:** | | | | | | |
| **Bal:** | | | | | | |

**2.** Aşakdaky maglumatlary seljeriň we wakanyň we onuň netijesiniň dogrudygyny ýa-da nädogrudygyny anyklaň.

| № | Waka | Netije |
|---|---|---|
